# Sen barybir eziz!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Sen barybir eziz! SEN BARYBIR EZIZ!

Ýazgarsa-da seni tünüñ ýelleri,
Sen barybir eziz.
Gulagymy ýapýar söýgiñ elleri,
Sen barybir eziz!
Duýgularmyñ agyr ýüki bolsañ-da,
Göreçlerme gözýaş bolup doñsañ-da,
Ahmyr bolup adyñ galsa dodakda,
Sen barybir eziz!

Zeýrenjem däl, igenjem däl, agy däl,
Men nädeýin, öz erkime bagly däl.
Seni ertirimden gözleýär didäm,
Sen barybir eziz!

Ýazgydymy okaryn hem görerin,
Gitseñ, sag bol, bagtym saýyp ýörenim!
«Men señki däl!» diýse diýsin ýüregim,
Sen barybir eziz!

Laura MAKSYMOWA. Goşgular